*1-nji tema*: **Türkmen Türkçesinde fiil kelime türünün özellikleri** (Türkmen dilinde işlik söz toparynyň häsiýetli aýratynlyklary)

**Dersiň maksady**:

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri**:

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi**:

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri**:

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady", "akylly kompasy" "akylly şejeräni"** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

- ❖ Önce öğrencileri Türkiye Türkçesinde verilen fiil hakkındaki açıklamayı hatırlatmalı.

- ✓ **İş, oluş, hareket, durum ve kılış bildiren; zaman ve kişi eklerine göre çekimlenebilen; zaman ve kişi ekleriyle çekimlenmesi halinde cümle içinde yüklem görevi üstlenen sözcüklere eylem (fiil) denir.**

- ❖ Sonra açıklamadaki şu özelliklere öğrencilerin dikkatini çekmeliyiz.

  - ✓ **İş**
  - ✓ **Oluş**
  - ✓ **Hareket**
  - ✓ **Durum**
  - ✓ **Kılış…**

- ❖ Sonra öğrencilere Türkmen Türkçesindeki "İŞLİK" terimi hakkında kısa açıklama vermek önemlidir.

✓ **"IŞLIK" näme diýmek?**

  - ❖ Bu ýerde ilki bilen haýsy hem bolsa bir "*işiň*" bardygy, şol iş bilen baglanyşykly hereketiň bardygy beýan edilmelidir.

  - ❖ Bu beýany (işlik hakyndaky kesgitlmäni) haýsy hem bolsa bir sözlemiň kömegi bilen düşündirmek amatlydyr.

  - ❖ Düşündiriş wagtynda işligiň ýerine ýetirýän hyzmaty talyplara doly we dogry düşündirilmelidir.

  - ❖ "Gymyldy", "hereket" we "ýagdaý" işlik diýlen üçbuçlugyň esasy taraplaryny emele getirýändigi bellenilmelidir.

  - ❖ **Işilikler** gymyldy, hereketi aňladyp, "*näme etdi?*", "*näme edýär?*", "*näme eder?*", "*näme etjek?*" diýen soraglara jogap bolýarlar.

  - ✓ Işlikler başga söz toparlaryna görä has köp ulanylýan söz toparlarynyň biridir.

- ✓ Işlikler grammatik manyly birnäçe şekil ýasaýjylary kabul edip söz toparlarynyň biridir.

- ✓ Işlikler sözlemde habar, eýe, aýyrgyç (ortak işlik, at aýyklap gelen hyýal, hökmanlyk, nämälim şekilleri) hyzmatynda, doldurgyç (hal işlik) hyzmatynda gelip bilýärler.

- ✓ **Işlikler** gymyldy-hereketi we onuň geçişiniň dürli ýagdaýlaryny aňladýarlar.

- ✓ Işlikler diňe özüne mahsus asyl, dereje we şekil ýasaýjylary bolan, gymyldy-hereketi belli bir zamanda, anyk haýsy şahsa, bir ýa-da köp subýekte gatnaşyklydygy bilen birlikde aňladyp bilýän, sözlemde esasan habar bolýan köp taraply söz toparlarynyň biridir.

- ❖ Sonra öğrencilere Türkmen Türkçesindeki "İŞLİK" terimi hakkında kısa açıklama vermek önemlidir.

- ✓ **Şahslaryň, haýwanlaryň, ösümlikleriň, predmetleriň, zatlaryň gymyldy-hereketini (ýazmak, otlamak, gögermek, döwülmek, agarmak) we umumy ýagdaýyny (ýatmak, ýagmak, bulutlaşmak) görkezýän sözlere işlik diýilýär.**

- ✓ **Işlikler gymyldy-hereketi, şol gymyldy-hereketiň bolup geçiş ýagdaýyny, alamatlaryň ýüze çykmagyny, üýtgemegini, bir adama ýa-da bir zada bolan gatnaşygy gymyldy-hereket hökmünde aňladýan söz toparydyr.**

- ✓ **İşliklerde gymyldy we hereketiň bolmagy şertdir. Geliň, bu şerti aşakdaky tekstiň kömegi bilen öwrenmäge synanyşalyň.**

**Tekst:** Ol şahadan bu şaha **böküp oýnap ýören** belka tötänden **uklap ýatan** möjegiň üstüne **gaçypdyr**. Möjek **böküp turup**, gaharyna ony **iýmekçi bolupdyr**. Belkajyk bolsa: - Meni **iýme**, **goýber**- **diýip**, **ýalbarmaga başlapdyr**.

- ✓ İki şahanyň arasynda hereket edýän belkanyň eden gymyldy-hereketlerini bilelikde anyklamak
- ✓ Gara ýazylanlar esasynda işlikleri doly hasaba almak
- ✓ Her bir işligiň manysyny doly öwrenmek
- ✓ Diňe hereket aňladýan işlikleriň sanawyny çykarmak
- ✓ Diňe ýagdaý aňladýan işleriň sanawyny çykarmak
- ✓ **Öýde özbaşdak berjaý etmek üçin ýumuş.**

**Tekst:**

Möjek:

- Bolýar, goýbereýin, ýöne sen maňa aýt, siz belkalar hemişe şadyýan. Maňa bolsa mydama içgysgynç.

Size seredýän welin, ýokarda şadyýan böküşip oýnaýarsyňyz. Munuň sebäbi näme?! –diýip sorapdyr.

Onda belka möjege garap:-Ilki meni goýber, munuň sebäbini agaja cykamsoň aýtjak, bolmasa, men senden gorkýaryn -diýipdir.

Möjek belkany goýberipdir. Belka agaja böküp cykypdyr-da, ol ýerden möjege garap: -Seniň ýüregiň erbetlikden doly, şonuň üçin saňa hemişe içgysgynç. Sen hemmelere ýamanlyk edýärsiň.

Biz-belkalar bolsa hiç kime ýamanlyk etmeýäris. Şonuň üçin hem biz mydama şadyýan - diýip, jogap beripdir.

- ✓ Tekstden işlikleri tapyň.
- ✓ Olary doly hasaba alyň
- ✓ Gymyldy-hereket aňladýan işlikleri sanawa alyň

- ✓ Ýagdaý aňladýan işlikleri sanawa alyň
- ✓ Her bir işligiň manysyny doly öwreniň.
- ✓ Olaryň Türkçe garşylyklaryny tapyň…

- ✓ **Öýde özbaşdak berjaý etmek üçin ýumuş. Sözlügi peýdalanyp, işlikleriň türkmen dilindäki manylaryny öwreniň we Türkçe garşylygyny tapyň.**

- ❖ **1.hüwdülemek**
- ❖ **2.garganmak**
- ❖ **3.ýuwmak**
- ❖ **4.arassalamak**
- ❖ **5.iglemek**